# Gizläýinmi !?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025

Gizläýinmi !? Ömür geçýär,pelek kowýar,
Gaçaýynmy,gaçmaýynmy!?
Gursakdaky oý-pikirlem,
Açaýynmy,açmaýynmy!?

Mähre suwsan teşneleri,
Ýakaýynmy ýakmaýynmy!?
Köpelipdir gülüp bakan,
Bakaýynmy bakmaýynmy!?

Arzyn aýtsa bagry girýan,
Oñ derdine ýanmaýynmy!?
Gussasyny gözlerinden,
Añaýynmy,añmaýynmy!?

Azaşyp çelgi gözläne,
Çölde çelgi bolmaýynmy!?
Il derdini deñ paýlaşyp,
Solaýynmy,solmaýynmy!?

Diýip oýlañ ummanynda,
Ýüzeýinmi,ýüzmäýinmi !?
Şeýdip ýagşy gylyklarmy,
Gursagymda gizläýinmi !?

Gyzylgül Annagylyjowa. Goşgular